THE ASHGABAT TIMES

# Buharest şäherinde Türkmenistanyň Prezidentiniň «Türkmenistanyň Bitaraplygy – parahatçylygyň we ynanyşmagyň aýdyň ýoly» atly kitabynyň tanyşdyrylyşy geçirildi

***2026-njy ýylyň 7-nji ýanwarynda Türkmenistanyň Rumyniýadaky Ilçihanasynyň binasynda Türkmenistanyň Prezidenti Serdar Berdimuhamedowyň «Türkmenistanyň Bitaraplygy – parahatçylygyň we ynanyşmagyň aýdyň ýoly» atly täze kitabynyň tanyşdyrylyş dabarasy geçirildi.***

Çärä gatnaşyjylar bu neşiriň halkara jemgyýetçiligi tarapyndan  ykrar edilen we goldawyny gazanan Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplyk syýasatynyň taryhy tejribesini we onuň häzirki zaman ähmiýetini köptaraplaýyn düşünmegiň netijesidigini bellediler.

Şunuň bilen baglylykda, kitabyň Bitaraplygyň hukuk we syýasy esaslaryny, sebitleýin we global durnuklylygy üpjün etmekdäki döredijilikli ähmiýetini, Türkmenistanyň parahatçylyk we ynanyşmak medeniýetini ösdürmäge goşýan goşandyny açyp görkezýändigi bellenilip geçildi.

Çäräniň dowamynda Türkmenistanyň Prezidenti Serdar Berdimuhamedowyň we türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyzyň Türkmenistan döwletimiziň Garaşsyzlyk ýyllarynyň dowamynda gazanan üstünliklerini açyp görkezýän döredijilik sergisi hem guraldy.

Bu çäre hemişelik Bitaraplyk ýörelgelerine esaslanýan Türkmenistanyň daşary syýasatynyň esasy ýörelgelerini şöhlelendirdi.

***«THE ASHGABAT TIMES».***

Все права защищены

save pdf date >>> 11.01.2026